TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY

A.I. Aşyrow
T.S. Öremedow

MAÝYŞGAKLYK NAZARYÝERTI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

Aşgabat - 2010

A.I. Aşyrow, T.S. Öremedow, Maýyşgaklyk nazaryýerti.

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby, Aşgabat – 2010 ý.

Okuw kitaby senagat we raýat jaýlarynyň konstruksiýalarynyň oňa goýlan daşky güýçlerinden deňagramlyk ýagdaýyna seredilýär. Şeýlede konstruksiýada ýüze çykýan dartgynlyk we deformirlenme ýagdaýynyň deňlemeleri düzülýär. Olaryň öz arasyndaky baglanşyklar getirilip çykarylýar. Alnan deňlemeleriň çözüwleri hödürlenýär. Işläp bolmaýan deňlemeleriň hususy çözüwleri hödürlenýär. Tejribe ähmiýetli birnäçe meseleleriň çözüwine seredilýär.

Gurluşykda köp ulanylýan konstruksiýalar bolan plastinalaryň, gabyklaryň dürli görnüşleriniň dürli berkitmede işleýiş usullary hödürlenýär. Birnäçe alymlaryň işlän çözüwleri giňişleýin hödürlenýär.

Okuw kitaby ýokary okuw mekdepleriniň senagat we raýat jaý gurluşygy hünärlerine niýetlenendir. Talyplaryň wagtynyň çäklidigini göz öňünde tutmak bilen, kitap ýazylanda gysgaldylan görnüşde berildi. Şol bir wagtda, ýokary kärli inžener-tehniki taýýarlygy üpjün etmek üçin Maýyşgaklyk nazaryýeti dersiniň ähli usullary gysga görnüşde görkezildi.

Awtorlar kitaby toplamakda uly goşant goşan GMÖGÖ hünäriniň talyby Atdaýew Isgendere öz minnetdarlyklaryny bildirýärler.

SÖZBAŞY

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde geljegimiz bolan ýaşlaryň dünýäniň iň ösen talaplaryna laýyk gelýän derejede bilim almagy üçin ähli işler edilýär.

Hormatly Prezidentimiz döwlet başyna geçen ilkinji gününden bilime, ylma giň ýol açdy, Türkmenistan ýurdumyzda milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek boýunça düýpli özgertmeler geçirmäge girişdi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda" 2007-nji ýylyň 15-nji fewralyndaky Permany bilim ulgamyndaky düýpli özgertmeleriň başyny başlady.

Häzirki wagtda milli bilim ulgamyndaky döwrebap özgertmeler ýaş nesliň ýokary derejede bilim almagyna we terbiýelenmegine, giň dünýägaraýyşly, edep-terbiýeli, tämiz ahlakly, kämil hünärmenler bolup ýetişmeklerine uly ýardam edýär.

Bu kitap Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler zamanasynda ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamaklyga bildirilýän talaplary göz öňünde tutup taýýarlanyldy.

"Maýyşgaklyk nazarýeti" dersi "Gurluşyk mehanikasy" kursunyň esasy bölümleriniň biri bolup gurluşykçy inženeriň formirlenmeginde uly rola eýedir. Maýyşgaklyk nazarýetini öwrenmäge "Materiallaryň garşylygy" dersi doly özleşdirilenden soňra girişilýär. Maýyşgaklyk nazarýeti daşky fiziki täsirleriň netijesinde jisimde ýüze çykýan dartgynlaşma – deformirlenme ýagdaýyny öwrenýär. Materiallaryň garşylygy kursunda seredilýän meselelerde hem şeýle maksatlar goýulýar. Emma, maýyşgaklyk nazarýeti şol meseleleri çözmek üçin umumy we takyk usullary ulanmak bilen has çylşyrymly matematiki aparata ýüzlenýär. Umuman maýyşgaklyk nazarýeti öwrenmek bilen iki sany maksat goýulýar: birinjiden materiallaryň garşylygy kursunda çözülýän meseleleriň takyklygyna baha bermek we şol çözgütleriň ulanylyş çäklerini kesgitlemek; ikinjiden materiallaryň garşylygy kursunyň usullary bilen çözmesi mümkin bolmadyk meseleleri çözmek (plastinkalaryň, gabyklaryň, diwar – balkalaryň massiwleriň hasaplary).

I Esasy düşünjeler

1.1 Maýyşgaklyk nazarýetiniň esasy ýörelgeleri

Häzirki döwürde hasaplanýan konstruksiýanyň ähli häsiýetlerini göz öňünde tutup hasaplap bolmaýar. Şonuň üçin maýyşgaklyk nazarýeti hem belli bir modelde hasaplama amala aşyrýar. Bu modeliň esasy häsiýetlerine seredip geçeliň.

1.Jisim ideal maýyşgak hasaplanýar.
2.Jisimiň başlangyç ýagdaýynda ýük aýrylandan soň. Onda hiçhili güýjenme ýüze çykmaýar.
3. Konstruksiýa goýulýan güýç bilen onuň döredýän orun üýtgemesiniň arasynda göni baglanyşyk bar.
4. Idial maýşgak jisim tutuş hasaplanýar.
5.Maýşgak jisim bir sudyrgyn hasaplanýar.
6. Maýşgak jisim izotrop hasaplanýar, ýagny hemme ugurlarda maýşgaklyk häsiýeti bir meňzeş bolýar.



1-nji surat



2-nji surat

Maýyşgaklyk nazarýetiniň esasy ýörelgesi. Orun üýtgemäniň örän kiçiligi we güýjenme bilen deformasyýanyň arasyndaky baglanşygyň göni çyzykly bolmagy güýçleriň bir-birine bagly dällik ýörelgesini berýär.

Güýçleriň biri-birine bagly dällik ýörelgesiniň manysy. Jisime täsir edýän birnäçe güýçleriň netijesini, ner güýjiň netijesiniň jemi hökmünde seretmek bolýär. Maýşgaklyk nazarýetiniň köp meselelerinde Sen Wananyň ýörelgesini ulanmak örän amatly bolýär. Sen Wananyň ýörelgesiniň manysy. Jisimiň örän kiçi bölegine täsir edýän güýç ondan daşlaşdygyça kiçelip gidýän güýjenmäni döredýär.

1.2 Güýç we güýjenme

Jisime täsir edýän güýçleri iki topara bölüp bolýar.

1 topar . Jisimiň üst tekizligine täsir edýän güýçler .

2 topar. Göwrümleýin güýçler.



3-nji surat t

Suratda birinji we ikinji topar güýçleriniň täsiri netijrsinde deňagramlykda ýerleşýän jisim görkezilen. Jisimiň içki güýçlerini tapmak üçin kesikler usuly ulanylýar. Materiallaryň garşylykdaky usullary bilen hasaplanýar.



4-nji surat



5-nji surat

Içki güýçleriň elementar meýdanja bolan gatnaşygyna doly güýjenme diýilýär.

Y_x Z_x – galtaşma güjenmesi. Jisimdäki her nokadyň güýjenmeleriniň dürli bahalary bolup biler. Şol sebäpden güýjenmeler koordinata bagly funksiýa hököminde seretmeli.

$$\begin{cases} \sigma_x=\sigma_x\,(x, y, z) \\ \sigma_y=\sigma_y\,(x, y, z) \\ \sigma_z=\sigma_z\,(x, y, z) \qquad\qquad (1.1) \\ \tau_{xy}=\tau_{xy}\,(x, y, z) \\ \ldots\ldots\ldots\ldots \end{cases}$$

1.3 Deňagramlygyň defferensial deňlemesi.



6-njy surat

Suratda görnüşi ýaly jisimden kesilip alnan örän kiçi paralelepipediň deňagramlygy aşakdaky formula bilen kanagatlandyrylýar.

$$\begin{cases} \dfrac{\partial\sigma_x}{\partial x}+\dfrac{\partial\tau_{xy}}{\partial y}+\dfrac{\partial\tau_{xz}}{\partial z}+X=0; \\ \dfrac{\partial\tau_{yx}}{\partial x}+\dfrac{\partial\sigma_y}{\partial y}+\dfrac{\partial\tau_{yz}}{\partial z}+Y=0; \\ \dfrac{\partial\tau_{zx}}{\partial x}+\dfrac{\partial\tau_{zy}}{\partial y}+\dfrac{\partial\sigma_z}{\partial z}+Z=0. \end{cases} \qquad (1.2)$$

Bu ýerde:

σ_x -normal güýjenmäniň x okuna görä proeksiýäsy.

σ_y -normal güýjenmäniň y okuna görä proeksiýäsy

σ_z - normal güýjenmäniň z okuna görä proeksiýäsy

τ_{xy} - galtaşma güýjenmesi

x,y,z - güýçleriniň koordinatalaryna bolan proýeksiýasy

Güýjenmäniň birinji indeksi (x) galtaşma güýjenmäniň ugruny görkezýär. Ilkinji indeks (y) kesige tarap ugrukdyrylan normaly görkezýär.

$$\tau_{xz}=\tau_{zx} \qquad (1.3)$$

Bu galtaşma güýçleriniň deňligine galtaşma güýjenmeleriniň jübitlik kanuny diýilýär. Jisimiň uslendik nokadynyň dartgyşlyk ýagdaýyny egerde galtaşma güýjenmesiniň jübitlik ýagdaýyny ulansak onda nokadyň dartgynlygyny alty sany deňleme bilen häsiýetlendirip boljak

$$
\begin{cases}
\sigma_x=\sigma_x\,(x,\,y,\,z) \\
\sigma_y=\sigma_y\,(x,\,y,\,z) \\
\sigma_z=\sigma_z\,(x,\,y,\,z) \qquad (1.4) \\
\tau_{xy}=\tau_{xy}\,(x,\,y,\,z) \\
\tau_{yz}=\tau_{zx}\,(x,\,y,\,z) \\
\tau_{zx}=\tau_{zx}\,(x,\,y,\,z)
\end{cases}
$$

Bu meseläni çözmek üçin üç sany deňagramlyk deňlemesi bar. Bu bolsa meseläniň statiki kesgitsizligni görkezýär. Ýetmeýän deňlemäni jisimde bolup geçýän deformasiýany öwrenmek arkaly düzmeli.

1.4 Kese meýdançadaky güýjenmeler

Üst şerti



7-nji surat

Islendik nokadyň dartgynlyk ýagdaýyny derňemek üçin, koordinata görä ýapgyt ýerleşýän tekizlikdäki güýjenmeleri tapmany öwrenmekden başlamaly

Suratda görnüşi ýaly içki meýdançanyň giňişlikdäki ýagdaýy normal bilen häsiýetlendirilýär. Normalyň urykdyryjy kosinuslary şeýle hasaplanýar.

$$\begin{cases} \cos(x, \upsilon) = l \\ \cos(y, \upsilon) = m \\ \cos(z, \upsilon) = n \end{cases} \qquad (1.5)$$

Onda ýapgyt tekizlikdäki doly güýjenmäniň düzijileri şu formula bilen tapylýar.

$$\begin{cases} X_\upsilon = \sigma_x l + \tau_{xy} m + \tau_{xz} n; \\ Y_\upsilon = \tau_x l + \sigma_y m + \tau_{yz} n; \end{cases} \qquad (1.6)$$

$$Z_\upsilon = \tau_{zx} l + \tau_{zy} m + \sigma_z n; \qquad (1.7)$$

Bu ýede $X_\upsilon, Y_\upsilon, Z_\upsilon$ doly güýjenmäniň düzijileri

Bu formulada jisimiň üst tekizliginiň ýerine ýetmeli şerti diýilýär

II Deformasiýalar nazarýeti

2.1 Orun üýtgemäniň düzijileri

Maýşgak jisimiň deformasiýasyny derňäliň



1- nji surat

Suratda jisim we ol jisimiň A(x,y,z) nokady görkezilen. Jisim deformasiýa alandan soň A-nokat täze ýagdaýa geçýär A(x',y',z') suratda görkezilen AA' wektoryň koordinatalara bolan proýeksiýasy ol kooordinatalara bagly funksiýalardyr.

$$\begin{cases} u=u(x,y,z) \\ \upsilon=\upsilon(x,y,z) \\ w=w(x,y,z) \end{cases} \qquad (2.1)$$

2.2Deformasiýany düzijiler

Çyzykly we aýlanma deformasiýalaryň orun üýtgeme bilen baglanşygy şeýle hasaplanýar.

$$\begin{cases} \varepsilon_x = \partial u/\partial x, & \gamma_{xy} = \partial u/\partial y + \partial v/\partial x, \\ \varepsilon_y = \partial v/\partial y, & \gamma_{yz} = \partial v/\partial z + \partial w/\partial y; \\ \varepsilon_z = \partial w/\partial z, & \gamma_{zx} = \partial w/\partial x + \partial u/\partial z \end{cases} \qquad (2.2)$$

Bu formula Köşiniň deňlemesi diýilýär. Deformasiýany düzijiler üçin bolmaly alamatyň düzgüni

Çyzykly deformasiýada

a) Jisim uzalýan bolsa položitel
b) Jisim gysylýan bolsa otrisatel

Aýlanma deformasiýa üçin

a) Koordinatalaryň arasyndaky burç kesilýän bolsa ol položitel deformasiýa hasaplanýar
b) Koordinatalar arasyndaky burç ulalýan bolsa onda ol otrisatel deformasiýa hasaplanýar.

2.3 Dartgynlyk ýagdaýynyň nazarýeti

Konstruksiýanyň böleklerinde döreýän dartgynlyk ýagdaýynyň görnüşleri barada düşünje

Konstruksiýanyň bölekleriniň özara täsirini her nokatda normal we galtaşma güýjenmeleri bilen häsýetlendirip bolar. Nokadyň üstünden geçýän meýdançalarda ýüze çykýan normal we galtaşma güýjenmeleriniň bilelikdäki ýagdaýy nokadyň dartgynlyk ýagdaýyny häsýetlendirýär.

a). Eger seredilýän nokadyň üstünden $\tau = 0$ we $\sigma = 0$ deň bolan ýekejede meýdança geçip bolmaýan bolsa onda nokadyň bu ýagdaýyna giňişleýin dartgynlyk ýagdaýy diýilýär. Ýada üç okly dartgynlykýagdaýy diýilýär.

b). Eger seredilýän nokadyň diňe bir meýdançasyndan ($\tau = 0$ we $\sigma = 0$) getirip bolýan bolsa onda onda bu ýgdaýa tekiz dartgynlyk ýagdaýy diýilýär. Ýa –da iki okly dartgynlyk ýagdaýy diýilýär.

g). eger nokadyň üstinden iki sany ($\tau = 0$ we $\sigma = 0$) meýdançalaryny geçirip bolýan bolsa onda bu ýagdaýda göni dartgynlyk ýagdaýy diýilýär. Ýa –da bir okly dartgynlyk ýagdaýy diýilýär.

Tekiz dartgynlyk ýagdaýy.

Tekiz dartgynlylyk ýagdaýynda seredilýän nokadyň üstinden normal we galtaşma güýjenmesi nula deň bolan bir tekizlik geçirip bolýar.



2-nji surat

Normal we galtaşma güýjenmeleriň aňlatmalary

Süýnme normal güýjenme položiteldir. Gysylma normal güýjenme otresateldir.

Galtaşma güýjenmesini häsýetlendirýän wektor 1 – nji suratda görkezilen prizmany sagat strelkasynyň ugryna aýlamaga ymtylýan bolsa onda ol položiteldir. Sagat strelkasynyň garşysyna aýlasa bolsa otresateldir.

Eger prizmanyň ab tarapy sb tarapy bilen birleşmek üçin sagat strelkasynyň garşysyna aýlanýan bolsa onda α –burçy položiteldir.

2 – sany biri –birine perpendikulýar tekizlikde galtaşma güýjenmeleri ululyklary boýunça deňdir we alamatlary boýunça garşydyr.

$$\tau_y = -\tau_x \qquad (2.3)$$

Bu ýagdaýa galtaşma güýjenmeleriň jübitlik kanuny diýilýär. Eger 2 –sany biri–birine perpendikulýar merkezdäki galtaşma we normal güýjenmeleri belli bolan ýagdaýynda seredilýän nokadyň üstünden geçýän islendik merkezdäki güýjenmäni şeýle aňlatma bilen tapmak bolar.

$$
\begin{cases}
\sigma_\alpha = \sigma_x \cos^2\alpha + \sigma_y \sin^2\alpha + \tau_x \sin 2\alpha; & (2.3) \\
\sigma_\alpha = \dfrac{\sigma_x - \sigma_y}{2} \sin 2\alpha - \tau_x \cos 2\alpha; & (2.4)
\end{cases}
$$

Özara perpendikulýar tekizliklerde normal güýjenmeleriň jemi hemişelikdir.

$$\sigma_{\alpha 1} + \sigma_{\alpha 2} = \sigma_x + \sigma_y = \text{const.} \quad (2.5)$$

Dartgynlyk ýagdaýyna baha bermek üçin berilen nokatdan üç sany biri –birine perpendikulýar tekizlikler geçirýärler. Eger bu tekizlikleriň bolmanda birinde $\sigma = 0$ we $\tau = 0$ deň bolsa onda ol tekiz dartgynlyk ýagdaýyna geçýär.

2 –sany biri –birine perpendikulýar tekizligiň kömegi bilen islendik meýdançanyň dartgynlyk ýagdaýyny hasaplamak bolýar.

Islendik dartgynlyk ýagdaýy birnäçe dartgynlyk ýagdaýyň jemi hökmünde seredip bolar. Bu ýagdaýda güýjenmäniň urnaşdyrma ýörelgesi diýilýär.

Tekiz dartgynlyk ýagdaýy





3– nji surat

Baş güýjenmeler we baş meýdançalar barada düşünje

Injener desgalaryň hasaplaty amala aşyrylanda seredilýän nokadyň üstünden geçýän her bir merkezlikde ýüze çykýan normal we galtaşma güýjenmeleriň bahalaryny tapmak hökman däldir. Olaryň maksimal we minimal bahalaryny tapmak ýeterlikdir.

Maksimal we minimal normal güýjenmelere baş güýjenmeler diýilýär. Olaryň ýüze çykýan tekizligine bolsa baş meýdançalar diýilýär.

Baş meýdançalaryň ýagdaýy şeýle formula bilen tapylýar.

$$tg\,2\alpha_0 = \frac{2\tau_x}{\sigma_x - \sigma_y};(2.6)$$

$$tg\,2\alpha_0 = -\frac{2\tau_y}{\sigma_x - \sigma_y};(2.7)$$

Bu ýerde; α_o – baş meýdançanyň σ_x güýjenmesini emele getrýän merkezligine görä

ýapgyt ýagdaýyny häsýetlendirýän burç.

σ_x, σ_y – normal güýjenmesi.

τ_x, τ_y – galtaşma güýjenmesi.

Maksimal we minimal normal güýjenmesi.

$$\sigma_{\substack{\max \\ \min}} = \frac{\sigma_x + \sigma_y}{2} \pm \frac{1}{2} \cdot \sqrt{\left(\sigma_x - \sigma_y\right)^2 + 4\tau_x^2}\ ; \quad (2.8)$$

Galtaşma güýjenmeleri

Maksimal we minimal galtaşma güýjenmeleriň ýüze çykýan süýşme meýdançalary diýilýär.

$$tg\,2\alpha_1 = -\frac{\sigma_x - \sigma_y}{2\tau_x}; \qquad (2.9)$$

α_1 – süýşme meýsdançalaryň σ_x güýjenmesini emele getirýän merkezligine görä ýapgyt ýagdaýyny häsýetlendirýän burç.

Ekstremal maksimal we minimal galtaşma güýjenmeleri.

$$\tau_{\substack{\max \\ \min}} = \pm\frac{1}{2}\cdot\sqrt{\left(\sigma_x - \sigma_y\right)^2 + 4\tau_x^2}\ ; \quad (2.10)$$

2.4 Deformasiýanyň üzniksizlik deňlemesi

Eger üç perpendikulýar tekizlikdäki aýlanma deformasiýasy berlen bolsa , onda çyzykly deformasiýasy erkin görnişde berilip bilmeýär. Olar formulada görkezilişi ýaly baglanşykda bolmalydyr

$$\left\{\begin{aligned}
&\frac{\partial^2 \varepsilon_x}{\partial y^2} + \frac{\partial^2 \varepsilon_y}{\partial x^2} = \frac{\partial^2 \gamma_{xy}}{\partial x \partial y}\ ;\\
&\frac{\partial^2 \varepsilon_y}{\partial z^2} + \frac{\partial^2 \varepsilon_z}{\partial y^2} = \frac{\partial^2 \gamma_{yz}}{\partial y \partial z}\ ;\\
&\frac{\partial^2 \varepsilon_z}{\partial x^2} + \frac{\partial^2 \varepsilon_x}{\partial z^2} = \frac{\partial^2 \gamma_{zx}}{\partial z \partial x}\ ;\\
&\frac{\partial}{\partial x}\left(\frac{\partial \gamma_{zx}}{\partial y} + \frac{\partial \gamma_{xy}}{\partial z} - \frac{\partial \gamma_{yz}}{\partial x}\right) = 2\,\frac{\partial^2 \varepsilon_x}{\partial y \partial z}\\
&\frac{\partial}{\partial y}\left(\frac{\partial \gamma_{xy}}{\partial z} + \frac{\partial \gamma_{yz}}{\partial x} - \frac{\partial \gamma_{zx}}{\partial y}\right) = 2\,\frac{\partial^2 \varepsilon_y}{\partial z \partial x}\\
&\frac{\partial}{\partial z}\left(\frac{\partial \gamma_{yz}}{\partial x} + \frac{\partial \gamma_{zx}}{\partial y} - \frac{\partial \gamma_{xy}}{\partial z}\right) = 2\,\frac{\partial^2 \varepsilon_z}{\partial x \partial y}
\end{aligned}\right. \qquad (2.12)$$

Bu baglanşygyň hökmanydygyny geometriki usul bilen esaslandyryp bolýar. Eger jisimi birnäçe kiçi parallelepipede bölsek we hersine erkin deformasiýa almagyna mükinçilik bersel ondan soň olary toplasak öňki jisimi alyp bolmaz. Jisimiň käbir nokatlarynda kijik üzilme emele gelýär. Şol näsazlyklary ýokarda görkezilen deňlemeler sazlaýar. Şol sebäpli bu deňlemä deformasiýanyň üzniksizlik deňlemesi diýilýär.

III Gukuň umumylaşdyrylan kanuny

3.1 Deformasiýanyň güýjenmäniň üsti bilen aňladylyşy

Konstruksiýanyň dartgynlyk ýagdaýy bilen deformasiýasy-na bilelikde seretmek üçin olaryň özara baglanşygyny öwrenmek gerek.

$$\begin{cases} \sigma_x = a_{11}\varepsilon_x + a_{12}\varepsilon_y + a_{13}\varepsilon_z + a_{14}\gamma_{xy} + a_{15}\gamma_{yz} + a_{16}\gamma_{zx}; \\ \sigma_y = a_{21}\varepsilon_x + a_{22}\varepsilon_y + a_{23}\varepsilon_z + a_{24}\gamma_{xy} + a_{25}\gamma_{yz} + a_{26}\gamma_{zx}; \\ \sigma_z = a_{31}\varepsilon_x + a_{32}\varepsilon_y + a_{33}\varepsilon_z + a_{34}\gamma_{xy} + a_{35}\gamma_{yz} + a_{36}\gamma_{zx}; \\ \tau_{xy} = a_{41}\varepsilon_x + a_{42}\varepsilon_y + a_{43}\varepsilon_z + a_{44}\gamma_{xy} + a_{45}\gamma_{yz} + a_{46}\gamma_{zx}; \\ \tau_{yz} = a_{51}\varepsilon_x + a_{52}\varepsilon_y + a_{53}\varepsilon_z + a_{54}\gamma_{xy} + a_{55}\gamma_{yz} + a_{56}\gamma_{zx}; \\ \tau_{zx} = a_{61}\varepsilon_x + a_{62}\varepsilon_y + a_{63}\varepsilon_z + a_{64}\gamma_{xy} + a_{65}\gamma_{yz} + a_{66}\gamma_{zx}. \end{cases} \quad (3.1)$$

Gukyň umumylaşdyrylan kanuny şeýle tapmak bolýar

$$\begin{cases} \varepsilon_x = [\sigma_x - \nu(\sigma_y + \sigma_z)]/E, & \gamma_{xy} = \tau_{xy}/G; \\ \varepsilon_y = [\sigma_y - \nu(\sigma_z + \sigma_x)]/E, & \gamma_{yz} = \tau_{yz}/G; \\ \varepsilon_z = [\sigma_z - \nu(\sigma_x + \sigma_y)]/E, & \gamma_{zx} = \tau_{zx}/G; \end{cases} \quad (3.2)$$

3.2 Güýjenmäniň, deformasiýanyň üsti bilen aňladylyşy

Mesele işlenende köplenç güýjenmäniň düzijilerini deformasiýanyň düzijileriniň üsti bilen aňlatmak amtly bolýar.

$$\begin{cases} \sigma_x = \lambda\theta + 2\mu\varepsilon_x, & \tau_{xy} = \mu\gamma_{xy}; \\ \sigma_y = \lambda\theta + 2\mu\varepsilon_y, & \tau_{yz} = \mu\gamma_{yz}; \\ \sigma_z = \lambda\theta + 2\mu\varepsilon_z, & \tau_{zx} = \mu\gamma_{zx}. \end{cases} \quad (3.3)$$

Bu ýerde λ, μ- lamenil koeffisenti (bu koeffisenti edil E,*G* koeffieientleri ýaly Materialyň maýşgaklyk häsiýetini görkezýär) θ - otnositel göwrüm deformasiýasy.

$$\theta = \frac{(1-2y)S_i}{E} \qquad (3.4)$$

S_i – dartgynlyk ýagdaýynyň birinji inweriýantlygy

E- maýşgaklyk koeffisenti

$$\lambda = \frac{Ey}{[(1+\vartheta)(1-2\vartheta)]}; \quad \mu = \frac{E}{[2(1+\vartheta)]}; \quad (3.5)$$

IV Maýyşgaklyk nazarýetinde seredilýän meseleleriň çözülişleri

4.1 Maýşgaklyk nazarýetiniň esasy deňlemeleri

Statiki deňlemeler

Deňagramlyga deferensial deňlemesi.

$$\begin{cases} \dfrac{\partial \sigma'_x}{\partial x} + \dfrac{\partial \tau'_{xy}}{\partial y} + \dfrac{\partial \tau'_{xz}}{\partial z} + X = 0; \\ \dfrac{\partial \tau'_{yx}}{\partial x} + \dfrac{\partial \sigma'_y}{\partial y} + \dfrac{\partial \tau'_{yz}}{\partial z} + Y = 0; \\ \dfrac{\partial \tau'_{zx}}{\partial x} + \dfrac{\partial \tau'_{zy}}{\partial y} + \dfrac{\partial \sigma'_z}{\partial z} + Z = 0; \end{cases} \qquad (3.6)$$

jisimiň üst tekizligini kanagatlandyrmaly deňlemeler .

$$\begin{cases} X_\nu = \sigma'_x l + \tau'_{xy} m + \tau'_{xz} n, \\ Y_\nu = \tau'_{yx} l + \sigma'_y m + \tau'_{yz} n; \\ Z_\nu = \tau'_{zx} l + \tau'_{zy} m + \sigma'_z n; \end{cases} \qquad (3.7)$$

a).Köşiniň geometriki aňlatmalary

b).Deformasiýanyň üznüksizlik deňlemesi.

$$\left\{\begin{array}{l}
\frac{\partial^2 \varepsilon_x}{\partial y^2}+\frac{\partial^2 \varepsilon_y}{\partial x^2}=\frac{\partial^2 \gamma_{xy}}{\partial x \partial y};\\
\frac{\partial^2 \varepsilon_y}{\partial z^2}+\frac{\partial^2 \varepsilon_z}{\partial y^2}=\frac{\partial^2 \gamma_{yz}}{\partial y \partial z};\\
\frac{\partial^2 \varepsilon_z}{\partial x^2}+\frac{\partial^2 \varepsilon_x}{\partial z^2}=\frac{\partial^2 \gamma_{zx}}{\partial z \partial x};\\
\frac{\partial}{\partial x}\left(\frac{\partial \gamma_{zx}}{\partial y}+\frac{\partial \gamma_{xy}}{\partial z}-\frac{\partial \gamma_{yz}}{\partial x}\right)=2\frac{\partial^2 \varepsilon_x}{\partial y \partial z};\\
\frac{\partial}{\partial y}\left(\frac{\partial \gamma_{xy}}{\partial z}+\frac{\partial \gamma_{yz}}{\partial x}-\frac{\partial \gamma_{zx}}{\partial y}\right)=2\frac{\partial^2 \varepsilon_y}{\partial z \partial x};\\
\frac{\partial}{\partial z}\left(\frac{\partial \gamma_{yz}}{\partial x}+\frac{\partial \gamma_{zx}}{\partial y}-\frac{\partial \gamma_{xy}}{\partial z}\right)=2\frac{\partial^2 \varepsilon_z}{\partial x \partial y}.
\end{array}\right. \qquad (3.8)$$

Fiziki deňlemeler

a).Gukyň kanunlary (göni görnüşde)

$$\left\{\begin{array}{ll}
\varepsilon_x=[\sigma_x-\nu(\sigma_y+\sigma_z)]/E, & \gamma_{xy}=\tau_{xy}/G;\\
\varepsilon_y=[\sigma_y-\nu(\sigma_z+\sigma_x)]/E, & \gamma_{yz}=\tau_{yz}/G;\\
\varepsilon_z=[\sigma_z-\nu(\sigma_x+\sigma_y)]/E, & \gamma_{zx}=\tau_{zx}/G,
\end{array}\right. \qquad (3.9)$$

b). Gukyň kanuny (ters görnişde)

$$\left\{\begin{array}{ll}
\sigma_x=\lambda\theta+2\mu\varepsilon_x, & \tau_{xy}=\mu\gamma_{xy};\\
\sigma_y=\lambda\theta+2\mu\varepsilon_y, & \tau_{yz}=\mu\gamma_{yz};\\
\sigma_z=\lambda\theta+2\mu\varepsilon_z, & \tau_{zx}=\mu\gamma_{zx}.
\end{array}\right. \qquad (3.10)$$

Bu deňlemeleri bilenimizden soň maýşgaklyk nazaryýetiniň öňümizde goýýan meselelerini çözmek bolýar. Ýokarda görkezilen deňlemeler 15-sany näbelli funksiýalardan durýar. Olar.

1.Alty sany güýjenmäniň näbelli funksiýalary.

$$\sigma_x(x,y,z);\ \sigma_z(x,y,z);\ \tau_{yz}(x,y,z)$$
$$\sigma_y(x,y,z);\ \tau_{xy}(x,y,z);\ \tau_{zx}(x,y,z) \qquad (3.11)$$

2.Alty sany deformasiýany näbelli funksiýalary.

$$\varepsilon_x(x,y,z); \quad \gamma_{x,y}(x,y,z)$$
$$\varepsilon_y(x,y,z); \quad \gamma_{,y\,z}(x,y,z) \qquad (3.12)$$
$$\varepsilon_z(x,y,z); \quad \gamma_{z,y}(x,y,z)$$

3 Üç sany orun üýtgemäniň näbelli fuksiýalary

$$u(x,y,z)$$
$$v(x,y,z) \quad w(x,y,z) \qquad (3.13)$$

4.2 Maýşgaklyk nazarýetinde seredilýän deňlemeleriň çözülişi

Bu näbelli funksiýalary tapmak üçin ýeterlik deňle-melerimiz bar. Näme gözleniýänine baglylykda bu deňlemeleri şeýle işläp bolar.

1.Orun üýtgeme usuly bilen işlemek bu usulda gözlenilýän fuksiýalar

$u(x,y,z)$ $u(x,y,z)$ $w(x,y,z)$

2.Güýjenme usuly bilen işlemek bu usulda gözlenilýän fuksiýalar.

$$\sigma_x(x,y,z);\ \tau_{xy}(x,y,z);$$
$$\sigma_y(x,y,z);\ \tau_{yz}(x,y,z); \qquad (4.1)$$
$$\sigma_z(x,y,z);\ \tau_{xz}(x,y,z);$$

3.Galtaşykly görnüşde işlemek bu usulda orun üýtgemede, güýjenmede näbelli funksiýalar bolup biler.

4.3 Maýşgaklyk nazarýetindäki meseleleriň orun üýtgeme usuly bilen çözişi

Maýşgaklyk nazarýetindäki meseleleri orun üýtgeme usuly bilen işlemek üçin üç deňleme gerek. Ol deňlemeleri jisimiň deňagramlyk deňlemesindäki güýjenmeleri orun üýtgeme bilen çalşmak usuly bilen tapmak bolýar.

$$\begin{cases} (\lambda+\mu)\frac{\partial ö}{\partial x} + \mu\nabla^2 u + x = 0 \\ (\lambda+\mu)\frac{\partial ö}{\partial y} + \mu\nabla^2 \upsilon + y = 0 \\ (\lambda+\mu)\frac{\partial ö}{\partial z} + \mu\nabla^2 w + z = 0 \end{cases} \qquad (4.2)$$

Bu deňlemä Lameniň deňlemesi diýilýär. Bu deňlemeler toplumyndan gözlenýän näbelli fuksiýalary tapyp bolýar

$$\begin{matrix} u(x,y,z) \\ v(x,y,z) \\ w(x,y,z) \end{matrix} \qquad (4.3)$$

Jisimiň üst tekizligini kanagatlandyrmak üçin getirip çykarylýan formulalar

$$\begin{cases} X_\nu = \lambda\theta l + \mu\frac{\partial u}{\partial \nu} + \mu\left(\frac{\partial u}{\partial x} l + \frac{\partial v}{\partial x} m + \frac{\partial w}{\partial x} n\right); \\ Y_\nu = \lambda\theta m + \mu\frac{\partial v}{\partial \nu} + \mu\left(\frac{\partial u}{\partial y} l + \frac{\partial v}{\partial y} m + \frac{\partial w}{\partial y} n\right); \\ Z_\nu = \lambda\theta n + \mu\frac{\partial w}{\partial \nu} + \mu\left(\frac{\partial u}{\partial z} l + \frac{\partial v}{\partial z} m + \frac{\partial w}{\partial z} n\right). \end{cases} \qquad (4.4)$$

Indi *u(x,y,z) ; v(x,y,z); w(x,y,z)* näbelli funksiýalary tapmak üçin Lameniň deňlemelerini integrirlemeli, alnan netijäniň üst tekizligi üçin hödürlenýän deňlemelerini kanagatlandyrar ýaly etmeli. Onuň üýtgeme funksiýalary tapylandan soň deformassiýany we güýjenmäni tapmak üçin deňlemeleri hödürläp bolar.

4.4 Maýşgaklyk nazarýetindäki meseleleriň çözilişiniň beýleki usullary

Maýşgaklyk nazarýetiniň meselelerini matematiki taýdan çözmegiň üç usulyny görkezmek bolar.

1.Göni usuly;

Onuň manaysy maýşgaklyk nazarýetinde getirip çykarylan deňlemeleri integrirläp alnan netijäni jisimiň üst şertini kanagatlandyrýandygyny barlamak.

2.Ters usuly.

Bu usulda deňagramlylygyň deferensial deňlemesini kanagatlandyrýan orun üýtgeme ýa-da güýjenme funksiýasy berilýär. We hödürlenýän funksiýany haýsy daşky güýçleriň kanagatlandyrýandygyny hasaplaýarlar.

3.Sen Wananyň usuly.

Onuň manysy näbelli funksiýalaryň bir bölegi öňünden berilýär. Onsaň maýşgaklyk deňlemeleriniň kömegi bilen galan funksiýalary tapýarlar.

V Tekiz deformasiýalar

5.1 Maýşgaklyk nazarýetiniň tekiz meseleleri, tekiz deformasiýalary barada düşünje

Eger konstruksiýa tekiz meselelere degişli bolsa onda diňe iki ölçegi hasaplanýandygy üçin maýşgaklyk nazarýetiniň deňlemeleri örän sadalaşýar.

Eger (*xoy*) tekizlige parallel tekizlikde deformasiýa bolup geçýän bolsa onda aňlatma şeýle

$$\begin{aligned} u&=n(x,y,) \\ v&=v(x,y,) \\ w&=0 \end{aligned} \qquad (5.1)$$

bolýar . Bular ýaly orun üýtgemeler silindrik ýa-da uzyn prizma görnüşli jisimlerde bolup geçýär. Jisimiň boý okyna *O Ž* oka parallel ýagdaýda ýerleşýär. Täsir edýän güýç jisimiň boý okyna perpendeikulýar ýagdaýda ýerleşýär. Ýene şeýle ýagdaýda işleýän konstruksiýalar.

Uzyn direg diwary, platinalar, metropoliteniň tonneli, uzyn plastinalar. Bu konstruksiýalar suratda görkezilen.



1-nji surat

Deňagramlygy diferensial deňlemesi şeýle görnişe gelýär

$$\begin{cases} \dfrac{\partial \sigma_x}{\partial x} + \dfrac{\partial \tau_{xy}}{\partial y} + X = 0; \\ \dfrac{\partial \tau_{yx}}{\partial x} + \dfrac{\partial \sigma_y}{\partial y} + Y = 0, \end{cases} \qquad (5.2)$$

Deformasiýalar bolsa şeýle aňlatma bilen hasaplanýar

$$\varepsilon_x = \frac{1-\nu^2}{E}\left(\sigma_x - \frac{\nu}{1-\nu}\sigma_y\right);$$
$$\varepsilon_y = \frac{1-\nu^2}{E}\left(\sigma_y - \frac{\nu}{1-\nu}\sigma_x\right); \qquad (5.3)$$
$$\gamma_{xy} = \frac{2(1+\nu)}{E}\tau_{xy}.$$

5.2 Tekiz güýjenmäniň umumylaşdyrylan ýagdaýy.

Ýuka plastinanyň gapdal tekizligine onuň esasyna parallel bolup goýulan güýçler eger onyň galyňlygyna deňagramly ýaýran bolsa bu meseläniň çözüwine tekiz güýjenmäniň umumylaşdyrylan ýagdaýy diýilýär. Plastinanyň esasyndaky σ_z, τ_{yz} we τ_{xz} nula deň. Plastina ýuka bolmanlygy sebäpli olar göwrümiň ähli ýerinde nula deň diýip hasaplamak mümkin. Şol sebäpli beýleki güýjenmeler hem z bagly däl diýip hasaplamak bolýar. Onda dartgynlyk ýagadaýy şeýle görişde ýazmak bolýar.

$$\sigma_z = \tau_{yz} = \tau_{xz} = v; \quad \sigma_x = \sigma_x(x,y); \quad \sigma_y = \sigma_y(x,y); \quad \tau_{xy} = \tau_{xy}(x,y) \qquad (5.4)$$



2-nji surat

Onda tekiz güýjenme deformasiýa şeýle kesgitlenýä.

$$\begin{cases} \varepsilon_x = \dfrac{(\sigma_x - \nu\sigma_y)}{E} \\ \varepsilon_y = \dfrac{(\sigma_y - \nu\sigma_x)}{E} \\ \gamma_{xy} = \dfrac{2(1+\nu)\tau_{xy}}{E} \end{cases} \qquad (5.5)$$

5.3 Güýjenmeler funksiýasy bilen tekiz meseleleri çözmek

Tekiz meseleleriň güýjenmeler usulynda işlenişinde üç funksiýany tapmaly .

$$\begin{cases} \sigma_x(x,y) \\ \sigma_y(x,y) \\ \tau_{xy}(x,y) \end{cases} \qquad (5.6)$$

Muny işlemek üçin deňagramlylygyň diferensial deňlemesinden we deformasiýanyň üzniksizlik deňlemesinden peýdalanmaly. Ony işlemek üçin Lewiniň çykaran deňlemesinden peýdalanýarys.

$$\frac{\partial^2}{\partial x^2}\left(\sigma_x + \sigma_y\right) + \frac{\partial^2}{\partial y^2}\left(\sigma_x + \sigma_y\right) = 0 \quad ýa - da$$

$$\nabla^2\left(\sigma_x + \sigma_y\right) = 0 \qquad (5.7)$$

Berlen meseläni bir funksiýa tapmaga çenli sadalaşdyryp bolýar. Ol funksiýa Lewiniň güýjenmeler funksiýasy diýilýär.

$$\begin{cases}\sigma_x = \dfrac{\partial^2 \varphi}{\partial y^2}; \\ \sigma_y = \dfrac{\partial^2 \varphi}{\partial x^2}; \\ \tau_{xy} = -\dfrac{\partial^2 \varphi}{\partial x \partial y} - Xy - Yx.\end{cases} \tag{5.8}$$

Onda deňagramlygyň deferensial deňlemesini Lewiniň funksiýasynyň üsti bilen aňladýarys. Üst şerti bolsa şeýle aňladylýar.

$$X_0 = \frac{\partial^2 \varphi}{\partial y^2} 1 - \left(\frac{\partial^2 \varphi}{\partial x^2 \partial y} + XY + YX\right) m$$

$$Y_o = -\left(\frac{\partial^2 \varphi}{\partial x^2 \partial y} + X\,Y + Y\,X\right) e = \frac{\partial^2 \varphi}{\partial x^2} m \tag{5.9}$$

5.4 Ganatly pürsleriň egilmä işleýişi

Meseläni ters usul bilen işlemeli. Materiallaryň garşylygynyň kömegi bilen alnan güýjenmäni ulanýarys. Ol güýjenmeler funksiýasynyň maýşgaklyk nazarýetinde alnan deňlemeleri kanagatlandyrýandygyny barlamaly we goýlan güýji häsiýetlendirýändigine baha bermeli.



3-nji surat

$$
\begin{cases}
\sigma_x = M_z\, y / J_z; \\
\sigma_y = 0; \\
\tau_{xy} = Q_y\, S_z^0 / [J_z\, b(y)].
\end{cases}
\qquad (5.10)
$$

$$
M_z = -p(e-x); \quad Q_y = P; \quad S^{0}_{z} = \left(\frac{h^2}{4} - y^2\right)/2 \qquad (5.11)
$$

$$
I_z = \frac{h^3}{12} \quad b(y) = 1 \qquad (5.12)
$$

$$
\begin{cases}
\sigma_x = -12p(e-x)y/h^3 \\
\sigma_{y=0} \\
\tau_{xy} = 6P(h^2/4 - y^2)h^3
\end{cases}
\qquad (5.13)
$$

Eger pürsiň öz agramyny hasaba almasak, alnan güýjenmeleriň bahalaryny deňagramlyk deňlemesine goýsak ony kanagatlandyrýar. Deformasiýanyň üzniksizlik deňlemesini hem kanagatlandyrýar. Onda alnan funksiýalar maýşgaklyk nazarýetiniň deňlemelerini kanagatlandyrýar.

5.5 Iki tarapy berkidilen pürsleriň, deňagramlygynyň ýaýran güýçlerden hasaplanylyşy

Pürsiň hasaplaýyş şekili suratda görkezilen



4-nji surat

Meseläniň çözüwini güýjenmeler funksiýasynyň polinomlarynyň jemleri görnişde almaly

$$\varphi = \frac{b_5}{4\cdot 3}\left(x^4 y-\frac{1}{5}y^5\right)+\frac{d_5}{2\cdot 3}\left(x^2 y^3-\frac{1}{5}y^5\right)+\frac{b_3}{2\cdot 1}x^2 y+\frac{d_3}{2\cdot 3}y^3+\frac{c_2}{2}y^2; \qquad (5.14)$$

Onda seredilýän meselede güýjenmeleri tapmak üçin getirilip çykarylýan formulalar şulardan ybarat bolar

$$\begin{cases} \sigma_x = 6q\,(l^2 - x^2)\,y/h^3 + 6q\,[2y^2/(3h^2) - 0{,}1]\,y/h; \\ \sigma_y = -q\,(4y^3/h^3 - 3y/h + 1)/2; \\ \tau_{xy} = -6q\,(h^2/4 - y^2)\,x/h^3. \end{cases} \qquad (5.15)$$

Bu güýjenmeleri, eger pürsiň uzynlygy l=5h bolan ýagdaýy üçin suratda görkezilen



5-nji surat

5.6 Sen- Wanyň ýörelgesiniň esaslandyrylyşy

Pürs egilmä işleýşinde Sen-Wananyň ýörelgesi ulanylypdyr, we ony gyraky şerte seredilende ulanylypdyr. Iki tarapy berkidilen pürsde gyraky şerti düzmekde ulanyp bolýar.

$$\sigma_x^T = (6q/h)\,[2y^2/(3h^2) - 0{,}1]\,y.$$





6-njy surat **7-nji surat**

Hasaplanan güýjenmelerden görnişi ýaly onuň bahasynyň güýjiniň goýlan ýerinden daşlaşdygyça azalýandygyny görkezýär. Bu bolsa Sen-Wananyň ýörelgesiniň maýşgaklyk nazaryýetiniň getirip çykarýan deňlemelerinde işleýändigini görkezýär.

VI Maýyşgaklyk nazarýetiniň tekiz meselelerini polýar koordinatada çözülişi

6.1 Esasy deňlemeler

Käbir meseleler işlenende tegelek silindir görnüşli üstler gabat gelýär



1-nji surat

Bu ýagdaýda dekart koordinatalar sistemadan, polýar koordinata sistemasynda nokadyň giňişlikdäki ýagdaýy iki parametr bilen häsiýetlendirilýär.

1.Wektor radiusy -r

2.Polýar burçy –θ

Deňagramlygyň deferemsial deňlemesi polýar sistemada şeýle hasaplanýar.

$$\begin{cases} \frac{\partial \sigma_r}{\partial_r} + \frac{1}{2}\frac{\partial \tau_{r\text{ö}}}{\partial_{\text{ö}}} + \frac{\sigma_r \sigma_{\text{ö}}}{r} R = 0 \\ \frac{\partial \tau_{r\text{ö}}}{\partial_r} + \frac{1}{2}\frac{\partial \sigma_{\text{ö}}}{\partial_{\text{ö}}} + \frac{2\tau_{\text{ö}r}}{r}\text{Ö} = 0 \end{cases} \qquad (6.1)$$

Defornasiýanyň üzniksizlik deňlemesi polýar sistemada şeýle hasaplanýar

$$\left(\frac{\partial^2}{\partial_{r^2}} + \frac{1}{r}\frac{\partial}{\partial_r} + \frac{1}{r^2}\frac{\partial^2}{\partial_{\text{ö}^2}}\right)(\sigma_r+\sigma_{\text{ö}})=0 \qquad (6.2)$$

Polýar sistemada gukyň kanuny

6.2 Lameniň meseleleri

Oka görä simmetriki bolan meseleleriň birini Lame çözüpdir. Lame galyň diwarly turbanyň içki deň agramly basyşda, we daşky deňagramly basyşdaky ýagdaýyna seredip geçipdir.



1-nji surat

a- Turbanyň içki radiusy
b- Turbanyň daşky radiusy

Öňde goýulan meseläni çözmek üçin şeýle formula ulanýarys.

$$\begin{cases} \sigma_r = [E_1/(1-\nu_1^2)][(1+\nu_1)A - \\ \qquad -(1-\nu_1)B/r^2]; \\ \sigma_\theta = [E_1/(1-\nu_1^2)][(1+\nu_1)A + \\ \qquad +(1-\nu_1)B/r^2]. \end{cases}$$

Awe B hemişelikler tapmak üçin şeýle gyraky şertleri kanagatlandyrýarys

$$\begin{matrix} r=a & \sigma_r=-P_a \\ r=b & \sigma_r=-P_b \end{matrix} \qquad (6.4)$$

P_a-*içki basyş*
P_b- *daşky basyş*
Hemişelikler tapylandan soň güýjenmäni tapmak üçin şeýle deňlemeler alynýar

$$\begin{cases} \sigma_r = \dfrac{p_a a^2 - p_b b^2}{b^2 - a^2} + \dfrac{a^2 b^2 (p_b - p_a)}{r^2 (b^2 - a^2)}; \\ \sigma_\theta = \dfrac{p_a a^2 - p_b b^2}{b^2 - a^2} - \dfrac{a^2 b^2 (p_b - p_a)}{r^2 (b^2 - a^2)}. \end{cases} \qquad (6.5)$$

6.3 Golowiniň çözen meselesi

Golowin egri çyzykly pürsiň arassa egilmesinde ýüze çykýan güjenmeleri tapypdyr.

$$\begin{cases} \sigma_r = C_2/r^2 + 2C_3 + C_4(2\ln r + 1); \\ \sigma_\theta = C_2/r^2 + 2C_3 + C_4(2\ln r + 3); \\ \tau_{r\theta} = 0. \end{cases} \qquad (6.6)$$

Hemişelikileri tapmak üçin şertler.

$$\begin{matrix} r=a & \sigma_r = \tau_{r\ddot{o}} = 0 \\ r=b & \sigma_r = \tau_{ra} = 0 \end{matrix} \qquad (6.7)$$

Hemişelikler tapylyp ýerine goýlandan soň alynýan gutarnykly deňlemeler.

$$\begin{cases} \sigma_r = \frac{4M}{k}\left(\frac{a^2b^2}{r^2}\ln\frac{b}{a} - b^2\ln\frac{b}{r} - a^2\ln\frac{r}{a}\right); \\ \sigma_\theta = \frac{4M}{k}\left(-\frac{a^2b^2}{r^2}\ln\frac{b}{a} - b^2\ln\frac{b}{r} - a^2\ln\frac{r}{a} + b^2 - a^2\right); \\ \tau_{r\theta} = 0. \end{cases}$$



2-nji surat

VII Maýyşgaklyk nazarýetiniň amaly ähmiýetli meseleleri

7.1 Ýuka plastikanyň egilmesi

Ýuka plastina diýilip beýikligi iki ölçegden has kiçi bolan jisime aýdylýar. H- jisimiň beýikligi. Biýikligini deň iki bölege bolýan tekizlige, plastinanyň orta tekizligi diýilýär. Egilede orta tekizlik egiji üste öwrülýär.



1-nji surat

Koordinatalar sistemasy orta tekizlikden ugrykdyrylandyr. Gurluşykda ýuka plastinalar ýapgy görnüşde ulanylýar.

Ýuka plita diýilip eger onyň ölçegi

$$\frac{h}{b} = \frac{1}{5} \div \frac{1}{80} \qquad (7.1)$$

Ararlykda bolsa aýdylýar. Deformasiýada garaşylýan orun üýtgeme $\frac{h}{4} > \frac{1}{3}$ bolsa ol galyň plitalar nazarýeti bilen hasaplanýar. Onuň orun üýtgemesi hem $\frac{1}{4}$ h ula bolýar. Ýuka plitalar ulanylanda birnäçe çaklamalar ulanylýar.

1.Göni normallar çaklamasy

2.Plastinanyň orta tejizligi deformirlenmeýär u_o= v_o+o diýilip alynýar.

3.Plastinanyň aýry aýry bölekleri biri-birine basyş döredmeýär diýilip hasap edilýär.

7.2 Plastinada emele gelýän deformasiýa we orun üýtgeme

Plastikanyň egilmegini öwrenmek üçin jisimiň nokatlarynyň orun üýtgemesini we deformasiýasyny öwrenmeli

Plastikanyň bir dik çyzykda ýatan nokatlary deň orun üýtgeme (w) alýarlar. Şonuň üçin plastinanyň orta tekizliginiň egilmesini öwrenmek ýeterlikdir.

Onda plastinada bolýan deformasiýasyny formulalar bilen kesgitläp bolýar.

$$\begin{cases} \varepsilon_x = \dfrac{\partial u}{\partial x} = -z\dfrac{\partial^2 w}{\partial x^2}; \\ \varepsilon_y = \dfrac{\partial v}{\partial y} = -z\dfrac{\partial^2 w}{\partial y^2}; \\ \gamma_{xy} = \dfrac{\partial u}{\partial y} + \dfrac{\partial v}{\partial x} = -2z\dfrac{\partial^2 w}{\partial x \partial y} \end{cases} \qquad (7.2)$$

7.3 Plastinada emele gelýän güýjenme

Plastinanyň orta tekizligine perpendikulýar tekizlikde ýüze çykýan normal we galtaşma güýjenmesi şeýle formula bilen hasaplanýar.

$$
\left\{
\begin{aligned}
\sigma_x &= -\frac{Ez}{1-\nu^2}\left(\frac{\partial^2 w}{\partial x^2}+\nu\frac{\partial^2 w}{\partial y^2}\right);\\
\sigma_y &= -\frac{Ez}{1-\nu^2}\left(\frac{\partial^2 w}{\partial y^2}+\nu\frac{\partial^2 w}{\partial x^2}\right);\\
\tau_{xy} &= -\frac{Ez}{1+\nu}\,\frac{\partial^2 w}{\partial x \partial y};\\
\tau_{yz} &= -\frac{E}{2(1-\nu^2)}\left(\frac{h^2}{4}-z^2\right)\frac{\partial}{\partial y}\nabla^2 w;\\
\tau_{zx} &= -\frac{E}{2(1-\nu^2)}\left(\frac{h^2}{4}-z^2\right)\frac{\partial}{\partial x}\nabla^2 w.
\end{aligned}
\right.
\qquad (7.3)
$$



2-nji surat

Suratda hasaplanýan güýjenmeleriň plastinanyň galyňlygynda emele gelýän epýury görkezeliň

σ_x σ_y we $\tau_{xy} = \tau_{yx}$ göni çyzygyň kanuny boýunça ýaýraýar ol plastinanyň orta τ_{yz} we τ_{zx} bu parabola görişinde orta çyzykda max baha eýe bolup ýaýaraýar.

7.4 Plastinada emele gelýän içki güýç

Eger plastina kese güýç täsir edýän bolsa onuň orta tekizligine perpendikulýar tekizlikde ýüze çykýan içki güýçler şulardan ybaratdyr.



3-nji surat

1.Egiji momentler

$$\begin{cases} M_x = -D\left(\dfrac{\partial^2 w}{\partial x^2} + \nu \dfrac{\partial^2 w}{\partial y^2}\right); \\ M_y = -D\left(\dfrac{\partial^2 w}{\partial y^2} + \nu \dfrac{\partial^2 w}{\partial x^2}\right); \end{cases} \qquad (7.4)$$

2.Kese güýçler

$$\begin{cases} Q_x = -D\dfrac{\partial}{\partial x}\nabla^2 w; \\ Q_y = -D\dfrac{\partial}{\partial u}\nabla^2 w \end{cases} \tag{7.5}$$

3.Towalaýjy moment

$$H=-D(1-\nu)\frac{\partial^2 w}{\partial_x \partial_y}$$

7.5 Egilýän plastinanyň orta tekizliginiň deferensial deňlemesi

Plastikanyň orta tekizligi deňagramlykda bolmagy üçin alty deňagramlyk deňlemesini kanagatlandyrylmaly. Üçisi koordinata bolan proeksiýalary, üçisi ol oklara bolan momentleri



4-nji surat

Plastinanyň orta tekizliginiň deferensial deňlemesi şeýle görnüşe getirilýär.

$$D\left(\frac{\partial^4 w}{\partial x^4}+2\frac{\partial^4 w}{\partial x^2\,\partial y^2}+\frac{\partial^4 w}{\partial y^4}\right)=q, \qquad (7.6)$$

$$D\nabla^4 w - q = 0. \qquad (7.7)$$

Bu deňlemä Sofi Jermeniň deňlemesi diýilýär. Deňlemäni integrirlesek deňlemäniň hemişelikleri ýüze çykýar. Ol hemişelikleri tapmaly.

7.6 Göni burçly plastika üçin Naweniň çözgüdi.



5-nji surat

Göni burçly plstinanyň egilme deformasiýasynda alnan deňlemesini doly formada çözip bolmaýar . Onuň çözgüdi tükeneiksiz hatar görnüşde gözlenýär.

Suratda görnüşi ýaly daş töwerege şarnir bilen berkidilen we kese güýç bilen ýüklenen Plastina görkezilen. Ýükiň intebsiwligi q(x,y) islendik kanun bilen üýtgäp bilýär. Koordinata plastinanyň burçynda ýerleşen. Plastina nyň ölçegi x-a deň y-de b deň.

$$D\left(\frac{\partial^4 w}{\partial x^4}+2\frac{\partial^4 w}{\partial x^2\,\partial y^2}+\frac{\partial^4 w}{\partial y^4}\right)=q, \qquad (7.8)$$

$$D\nabla^4 w - q = 0. \qquad (7.9)$$

Bu deňlemäniň çözüwini sinusly trigonometrki hatar görnişinde gözleýäris

$$w(x, y)=\sum_{m=1}^{\infty}\sum_{n=1}^{\infty} A_{mn} \sin \frac{m\pi x}{a}\sin\frac{n\pi y}{b} \qquad (7.10)$$

Bu ýerde A_{mm}-hemişelik sanlar, hataryň koefisentleri m,n položitel sanlar.

Hatary aýdyň görnüşde görkezeliň

$$w(x, y)=A_{11}\sin\frac{\pi x}{a}\sin\frac{\pi y}{b}+A_{12}\sin\frac{\pi x}{a}\sin\frac{2\pi y}{b}+A_{21}\sin\frac{2\pi x}{a}\sin\frac{\pi y}{b}+A_{22}\sin\frac{2\pi x}{a}\sin\frac{2\pi y}{b}+\dots \qquad (7.11)$$

Plastina üçin gyraky şertler

$$x=0 \text{ и } x=a \quad w=\frac{\partial^2 w}{\partial x^2}=0;$$
$$y=0 \text{ и } y=b \quad w=\frac{\partial^2 w}{\partial y^2}=0. \qquad (7.12)$$

Berlen hataryň bu şertleri kanagatlandyrýandygyny derňäliň.

Plastinanyň gyrasynda $x = 0 \sin \frac{m\pi x}{a} = \sin 0 = 0$ onda egilme hem $w\,(a,\,y) = 0.$ edil şeýle y=o y=b şerti kanagatlandyrýar. Onda gyraky şertler kanagatlanýar.

Egilme funksiýasynyň ikinji önüminde hem sinusyň şol argumenti bar; berlen funksiýanyňky ýaly. Şol sebäpden (x=o x=a y=o y=b) Plastinanyň ähli granlarynda önüm nula öwrilýär.

$$\frac{\partial^2 w}{\partial x^2} = -\sum_m \sum_n A_{mn} \left(\frac{m\pi}{a}\right)^2 \sin \frac{m\pi x}{a} \sin \frac{n\pi y}{b}; \qquad (7.13)$$
$$\frac{\partial^2 w}{\partial y^2} = -\sum_m \sum_n A_{mn} \left(\frac{n\pi}{b}\right)^2 \sin \frac{m\pi x}{a} \sin \frac{n\pi y}{b}$$

Bu bolsa egiji momentler üçin hem gyraky şertleriň ýerine ýetýändigini görkezýär. Hataryň koeffisientlerini hasaplalyň, onuň üçin egilme funksiýasynyň dördüji derejeli önümini tapmaly

$$\frac{\partial^4 w}{\partial x^4} = \sum_m \sum_n A_{mn} \left(\frac{m\pi}{a}\right)^4 \sin \frac{m\pi x}{a} \sin \frac{n\pi y}{b};$$
$$\frac{\partial^4 w}{\partial x^2\, \partial y^2} = \sum_m \sum_n A_{mn} \left(\frac{mn\pi^2}{ab}\right)^2 \sin \frac{m\pi x}{a} \sin \frac{n\pi y}{b}; \qquad (7.14)$$
$$\frac{\partial^4 w}{\partial y^4} = \sum_m \sum_n A_{nm} \left(\frac{n\pi}{b}\right)^4 \sin \frac{m\pi x}{a} \sin \frac{n\pi y}{b}$$

Tapylan önümi
$$D\left(\frac{\partial^4 w}{\partial x^4} + 2\frac{\partial^4 w}{\partial x^2\, \partial y^2} + \frac{\partial^4 w}{\partial y^4}\right) = q,$$
$$D\nabla^4 w - q = 0. \qquad (7.15)$$

Goýmaly. Sadalaşdyrylandan soň

$$D\pi^4 \sum_m \sum_n A_{mn} \left(\frac{m^2}{a^2} + \frac{n^2}{b^2}\right)^2 \sin \frac{m\pi x}{a} \sin \frac{n\pi y}{b} = q\,(x,\,y). \qquad (7.16)$$

Deňlemäni alýarys. Koeffisientleri tapmak üçin deňlemäniň çep we sag tarapyny trigonometriki hatarlara dagatmaly. Güýji şeýle görnüşde görkezmeli

$$q(x, y) = \sum_{m=1}^{\infty} \sum_{n=1}^{\infty} C_{mn} \sin \frac{m\pi x}{a} \sin \frac{n\pi y}{b}. \qquad (7.17)$$

Hataryň koeffisientleri şeýle kesgitlenýär

$$C_{mn} = \frac{4}{ab} \int_0^a \int_0^b q(x, y) \sin \frac{m\pi x}{a} \sin \frac{n\pi y}{b} \, dx \, dy. \qquad (7.18)$$

(d) we(g) goýsak onda şeýle aňlatma alarys.

$$D\pi^4 \sum_m \sum_n A_{mn} \left(\frac{m^2}{a^2} + \frac{n^2}{b^2} \right)^2 \sin \frac{m\pi x}{a} \sin \frac{n\pi y}{b} = \sum_m \sum_n C_{mn} \sin \frac{m\pi x}{a} \sin \frac{n\pi y}{b}. \qquad (7.19)$$

Iki hatar biri –birine deňdir,.

$$D\pi^4 A_{mn} \left(\frac{m^2}{a^2} + \frac{n^2}{b^2} \right)^2 = C_{mn}. \qquad (7.20)$$

Onda C_{mm} (e) goýsak koefieientleri tapmak bolýar

$$A_{mn} = \frac{4}{D\pi^4 ab (m^2/a^2 + n^2/b^2)^2} \int_0^a \int_0^b q(x, y) \sin \frac{m\pi x}{a} \sin \frac{n\pi y}{b} \, dx \, dy. \qquad (7.21)$$

Onda (a) deňlemäniň çözüwi bolýar eger koefisiei görmüşde berilse.

Şeýle ýagadaýa seredip geçeliň. Ýük plastikanyň üstine deňagramly ýaýran onda $q(x, y) = q = \text{const}.$ onda A_{mn} koefisient şeýle görnüşe öwrilýär

$$\frac{\partial^2 w}{\partial x^2} = -\sum_m \sum_n A_{mn} \left(\frac{m\pi}{a}\right)^2 \sin\frac{m\pi x}{a} \sin\frac{n\pi y}{b};$$
$$\frac{\partial^2 w}{\partial y^2} = -\sum_m \sum_n A_{mn} \left(\frac{n\pi}{b}\right)^2 \sin\frac{m\pi x}{a} \sin\frac{n\pi y}{b} \qquad (7.22)$$

Integrirlenenden soňra koeffisient şu görnüşe gelýär.

$$A_{mn} = \frac{16q}{D\pi^6 mn (m^2/a^2 + n^2/b^2)^2} \quad (m = 1, 3, 5, \ldots; n = 1, 3, 5, \ldots) \qquad (7.23)$$

Koeffisientleri berlen hatara goýsak onda egilmäni häsiýetlendirilýän şeýle funksiýany alýarys

$$w(x, y) = \frac{16q}{\pi^6 D} \sum\sum \frac{\sin(m\pi x/a) \sin(n\pi y/b)}{mn (m^2/a^2 + n^2/b^2)^2}. \qquad (7.24)$$

Eger $x = \frac{a}{2}$ *we* $y = \frac{b}{2}$ bolanda *W max* bahany alýar.

$$\max w = \frac{16q}{\pi^6 D} \sum_m \sum_n \frac{\sin(m\pi/2) \sin(n\pi/2)}{mn (m^2/a^2 + n^2/b^2)^2} \qquad (7.25)$$
$$(m = 1, 3, 5, \ldots; n = 1, 3, 5, \ldots).$$

Käbir koeffisientleriň gahasy goýanyňdan soň şeýle funksiýany alýarys.

$$\max w = \frac{192qa^4}{\pi^6 Eh^3} (1 - \nu^2) \sum_m \sum_n \frac{\sin(m\pi/2) \sin(n\pi/2)}{mn (m^2 + n^2 a^2/b^2)^2}$$
$$(m = 1, 3, 5, \ldots; n = 1, 3, 5, \ldots). \qquad (7.26)$$

Egiji momentler üçin şeýle aňlatma alýarys.

$$M_x = \frac{16qa^2}{\pi^4} \sum_m \sum_n \frac{m^2 + \nu n^2 \, a^2/b^2}{mn\,(m^2 + n^2\, a^2/b^2)^2} \sin\frac{m\pi x}{a} \sin\frac{n\pi y}{b} \quad (7.27)$$

$$(m = 1,\ 3,\ 5,\ \ldots;\ n = 1,\ 3,\ 5,\ \ldots);$$

$$M_y = \frac{16qa^2}{\pi^4} \sum_m \sum_n \frac{n^2\, a^2/b^2 + \nu m^2}{mn\,(m^2 + n^2\, a^2/b^2)^2} \sin\frac{m\pi x}{a} \sin\frac{n\pi y}{b}$$

$$(m = 1,\ 3,\ 5,\ \ldots;\ n = 1,\ 3,\ 5,\ \ldots). \quad (7.28)$$

Maksimal moment $x=\frac{a}{2}$ *we* $y=\frac{b}{2}$ de ýüze çykýar . we şeýle hasaplanýar.

$$\max M_x = \frac{16qa^2}{\pi^4} \sum_m \sum_n \frac{m^2 + \nu n^2\, a^2/b^2}{mn\,(m^2 + n^2\, a^2/b^2)^2} \sin\frac{m\pi}{2} \sin\frac{n\pi}{2} \quad (7.29)$$

$$(m = 1,\ 3,\ 5,\ \ldots;\ n = 1,\ 3,\ 5,\ \ldots);$$

$$\max M_y = \frac{16qa^2}{\pi^4} \sum_m \sum_n \frac{n^2\, a^2/b^2 + \nu m^2}{mn\,(m^2 + n^2\, a^2/b^2)^2} \sin\frac{m\pi}{2} \sin\frac{n\pi}{2}$$

$$(m = 1,\ 3,\ 5,\ \ldots;\ n = 1,\ 3,\ 5,\ \ldots) \quad (7.30)$$

Kese güýji tapmak üçin formula.

$$Q_x = \frac{16qa}{\pi^3} \sum_m \sum_n \frac{\cos(m\pi x/a)\sin(n\pi y/b)}{n\,(m^2 + n^2\, a^2/b^2)} \quad (7.31)$$

$$(m = 1,\ 3,\ 5,\ \ldots;\ n = 1,\ 3,\ 5,\ \ldots);$$

$$Q_y = \frac{16qb}{\pi^3} \sum_m \sum_n \frac{\sin(m\pi x/a)\cos(n\pi y/b)}{m\,(m^2\, b^2/a^2 + n^2)} \quad (7.32)$$

$$(m = 1,\ 3,\ 5,\ \ldots;\ n = 1,\ 3,\ 5,\ldots).$$

Kese güýjiň *max* bahalarynyň tapylyşy $x=a$, $y=\frac{b}{2}$; $x=\frac{a}{2}$ $y=o$ $x=\frac{a}{2}$, $y=b$ $x=o$ $y=\frac{b}{2}$ (7.33)

$$\max Q_x = \frac{16qa}{\pi^3} \sum_m \sum_n \frac{\sin(n\pi/2)}{n(m^2+n^2\,a^2/b^2)}$$

$$(m = 1,\ 3,\ 5,\ \ldots;\ n = 1,\ 3,\ 5,\ \ldots);$$

$$\max Q_y = \frac{16qb}{\pi^3} \sum_m \sum_n \frac{\sin(m\pi/2)}{m(m^2\,b^2/a^2+n^2)} \qquad (7.34)$$

$$(m = 1,\ 3,\ 5,\ \ldots;\ n = 1,\ 3,\ 5,\ \ldots).$$

7.7 Göni burçly plastina üçin Lewiniň çözgüdi

Lewiniň çözgüdinde plastinkanyň iki tarapy şarnirli berkidilen beýleki iki tarapy islendik berkitme bolup biler



6-njy surat

OC we AB şarnirli berkidilen. AO, we CB gaty berkitme bilen berkidilen. Gyraky şertler; $x=o$ we $x=a$ $w=\frac{\partial^2 w}{\partial x^2}=0$ (7.35)

Bu şerti kanagatlandyrmak üçin şeýle funksiýa alýarys .

$$w=\sum_{n=1}^{\infty} Y \sin \alpha x, \qquad (7.36)$$

y-bir orgumentli (y) erkin funksiýa. $\alpha\frac{n\pi}{a}$

Eger $x = o$ *we* $x = a$ $\sin \alpha x = o$ onda (b) (a) kanagatlandyrýar

Berlen funksiýanyň ikinji önümini hasaplaýarys.

$$\begin{cases} \frac{\partial^2 w}{\partial x^2} = -\sum_{n=1}^{\infty} Y\alpha^2 \sin \alpha x \\ \frac{\partial^2 w}{\partial y^2} = \sum_{n=1}^{\infty} Y'' \sin \alpha x. \end{cases} \qquad (7.37)$$

Eger $x = o$ *we* $x = a$ bolanda önümler berlen funksiýanyň özi ýaly nula öwrülýär. Egiji momende görä şu şert ýerine ýetýär. Hödürlenýän funksiýa egilmäniň esasy deňlemesini hem kanagatlandyrmaly. Dördünji derejeli önümi esasy deňlemä goýsak onda

$$\sum_{n=1}^{\infty} (Y^{IV} - 2\alpha^2 Y'' + \alpha^4 Y) \sin \alpha x = q(x, y)/D. \qquad (7.38)$$

Bu deňlemäni çözmek üçin onuň sag tarapyny trigor hatara dagatmaly

$$q(x, y)/D = \sum_{n=1}^{\infty} F_n(y) \sin \alpha x. \qquad (7.39)$$

Hataryň koeffisenti şeýle hasaplanýar

$$F_n(y) = \frac{2}{Da} \int_0^a q(x, y) \sin \alpha x dx. \qquad (7.40)$$

Ony deňlemä goýsak şeýle aňlatma alarys .

$$\sum_{n=1}^{\infty} (Y^{IV} - 2\alpha^2 Y'' + \alpha^4 Y) \sin \alpha x = \sum_{n=1}^{\infty} F_n(y) \sin \alpha x. \qquad (7.41)$$

Skopkanyň öňüne keçirsek.

$$\sum_{n=1}^{\infty}[Y^{IV}-2\alpha^2Y''+\alpha^4Y-F_n(y)]\sin\alpha x=0. \qquad (7.42)$$

Bu şert eger hataryň her bir bölegi nula deň bolsa bolýar.

$$Y^{IV}-2\alpha^2Y''+\alpha^4Y-F_n(y)=0,$$
$$Y^{IV}-2\alpha^2Y''+\alpha^4Y=F_n(y). \qquad (7.43)$$

Deňlemäniň çözüwi (l) hasaplanýar

Onuň koeffisientiniň hasaplanyşy.

